OZBEGISTAN RESPUBLIKASYNYN YoKARY WE YORITE ORTA BILIM MINISTRLIGI

BERDAK ADYNDAKY GARAGALPAK DOWLET UNIWERSITETI

GARAGALPAK FILOLOGIYaSY FAKUL`TETI

TURKI FILOLOGIYaSY KAFEDRASY

5220100 – filologiya we dilleri okatmak (turkmen filologiyasy) bakalawr ýönelişiniň 4-kurs talyby Seỳidow Begenjiň «Magtymgulynyň dőredijiliginde halk dessanlarynyň ulanylyşy» mowzugyndaky

**kurs işi**

**NOKUS- 2014**

Magtymgulynyň dörediżiliginde xalk dessanlarynyň ulanylyşy

Meyilnama:

Giriş

1.Magtymgulynyň öz döredijiliginde halk dessanlaryna ýüzlenmeginiň axmiyeti

2.Magtymgulynyň döredijiliginde duş gelýän xalk dessanlarynyň sýużetleri xakynda

3.Netije.

4.Cykgytlar.

5.Peýdalanylan we göz öňünde tutulan edebiyatlar.

## Giriş

Kelam getirdim tilime
Zunnar urmuşam bilime
Magtymguly diyr ilime
Bagş etmişem bar dessany
Magtymguly

- diýip beýik şaxyr Magtymgulynyň bize miras goýup giden edebi eserlerinde birnäçe tematikany görmek bolýar. Şeýle xem şaxyryň dörediżiliginde birnäçe taryxy şaxslar, folklor dörediżiliginiň nusgalaryna duş gelmek bolýar. Şeýle xalk agzeki dörediżiliginiň iri żanrlaryndan biri dessanlar-da Magtymgulynyň dörediżiliginde birnace cepercilik xazmaty ýerine ýetiripdir. Şaxyr olary ýaşan zamanynyň, iliniň, xalkynyň derdine ýaratmak, özüniň pikir-duygularyny emotsional tasirli formada yetirmek ucin dörediżilik eleginden geçirip, öz eserlerinde şöxlelendirip bilipdir. Emma ylym Magtymgulynyň dörediżiligi bilen ençeme ýyllardan bäri gyzyklanyp gelse-de şaxyryň dörediżiliginiň käbir meseleleri xäli doly öwrenilenok. Şeýle meseleleriň arasynda Magtymgulynyň dörediżiliginde xalk dessanlarynyň ulanylyşy-da gaty gyzykly meseleleri orta atýar. Şonuň üçinem Magtymgulynyň dörediżiliginde duş gelýän xalk dessanlyry, olaryň sýażetlerini anyklamak bügünki döwür talaby diýmek ýalňyşmarys. Sebäbi bilim döwlet standarty (2002) we başga-da bilim żäxetde alyp barylan işleriň esasy many-mazmuny we wezipesi bugünki ýaş nesli ylym we texnikanyň üstünlikleri esasynda dünýä dereżesinde sowatly, bilimli edip ýetişdirmekden we olara milli medeniýetimiziň gymmatlyklaryny çüňňur öwretmekden ybarat bolup durýar. Şonuň üçin xem milli medeniýetimiziň irki çeşmelerini bilmek, Magtymguly ýaly şaxsyýetiň eserlerini xakyky manysynda öwrenmek ýaly meseleler bugünki ylmyň nukdaý nazaryndan seredilmelidigini wözipe edip goydy.

Prezidentimiz I.A.Karimowyň: «Geçmişi bilmän gelżegi bilip bolmaz»[1] diýip belleýşi ýaly geçen asyrlaryň belli şaxyrlarynyň edebi taryxyny, onuň döredižilik ýoluny yzarlamak we öwrenmek edebiýatşynaslyk üçin garaşylan netižäni berip biler.

Türkmen diliniň we edebiýatynyň esasyny goýujy goýujy Magtymguly-Pyragy (1733-1813) XVIII asrda ýaşap gecen hem bolsa, doredijilik tasiri tayyndan butin uc yuz yyla XVIII-XXI asyr edebiyatymyzda duypli orun aldy. Bu ägirt zehin edebiýata şahsyýet bolup geldi. Onuň eserleri ýyl geçdigiçe täze öwüşgin alýar, döwür, döwran, jemgyýet çalyşdygyça barha kyn, gyzykly meseleleri orta çykarýar. Şonuň üçinem ol poeziýa äleminde parlak ýyldyz bolup, ýagty saçan akyldarlaryň biri. Onuň goşgularyny okanynda özüň üçin täze bir dünýäni açan ýaly bolýarsyň, onuň egsilmez ideya-estetiki güýjüne, durmuşyň ähli taraplary barada oran jaydar aydan dana pikirlerine haýran galýarsyň. Şahyryň köp taraply döredijiliginde halk dessanlaryna goýan hormaty, olara beren bahasy hem uly orun tutýar. Şonuň üçinem ony türkmen klassyky edebiýatynyň görnükli wekilleriniň biri hokmunde tanamak bilen şol bir wagtda halk döredijiligini öz goşgularynda çeper söz bilen beýan beýan edendigi üçin, ony söz diwanynyň merdiwany hokmunde-de göz öňüne getirip bileris. Ol özüniň köp taraply döredijiliginde halk dessanlaryny giňden peýdalanypdyr. Şahyryň beyikliginiň bir tarapy hem şonda. Onuň goşgulary geçmiş we onda bolup geçen hadysalardyr rowaýatlar, dessanlar bilen saýrap dur, şol bir wagtda hem geljekde bolup gecjek zatlar barada-da welilik bilen habar beryar.

**Işiň maksady we wezipesi.** Magtymgulynyň döredižiliginde ulanylan dessanlaryň hersiniň aňyrsynda bir kyssa ýatan bolmaly. Biziň bu mowzukdaky maksadymyz hem şol kyssalara salgylanyp, ýatlanan xalk dessanlaryň çeper obrazyny, sýužetini anyklamak, oňa teswiri bermekden ybarat. Esasy hyzmaty bolsa, hazirki geçmişe nazar aýlanýan döwrümizde şahyryň döredižiliginde ulanan xalk dessanlarynyň görnüşlerini ýüze

[1] Karimow I. A.Torixiy xotirasiz kelažak ýýк. Toşkent, «Şark», 1998, 7-sax.

çykarmak, olary bu günki nesillere tanyşdyrmak hem-de olaryň nä dereżede şahyra ýetiren täsirini açyp bermekden ybarat.

**Mowzugyň aktuallygy:** Magtymgulynyň döredižiliginde ýüz tutan xalk dessanlarynyň görnüşlerini anyklamak işi bugünki edebiýatşynaslyk ylmynda ýörite derňew obekti bolmady. Şonuň üçinem şaxyryň döredižiligindäki xalk dessanlary, şaxyryň öz goşgularynda dessanlaryň sýużet we obrazlaryndan giňden peýdanyşynyň çeper beýany biziň bu kesplik işimizde ýöriteleýin analizlenýär. Şonuň üçinem bu mowzugyň aktual ekenligi nazara alyndy. Biz bu işde şaxyryň döredižiligindäki xalk dessanlary barada żedelli meseleler, çözülmeli problemalar barada-da durup gecdik. Bu işiň mowzugynyň äxmiýeti xem şondan ybarat. Xer bir mesele barada pikir ýöredilende olary şaxyryň öz döwrüniň syýasaty bilen deňeşdirip, Magtymgulynyň döredižiliginde ulanylan dessanlaryň görnüşleri beýan edildi. Şeýle aktual meseläniň öwrenilişi şaxyryň döredižiliginiň folklor eserleri bilen berk baglanyşykly ekenligini anyklamakda, öwrenmekde uly äxmiete eye.

**Mowzugyň öwrenilişi.** Magtymgulynyň ömri we döredižiligi syrly bir älem bolandygy üçin köpräk alymlaryň, edebiýatçylaryň ünsüni özune cekip geldi. Şu günki edebiýatşynaslyk ylmynyň nukdaýnazaryndan seredilende bu ugurda edilen işleri bir ere żemlänimizde giden bir ummany emele getirýär.

Magtymgulynyň 250-ýyllygyna bagyşlanyp neşir edilen ylmy dokladlar we habarlar, A.Baymyradow “Rowaýatlarda taryhy şahslar”, M.Çaryýew “Magtymguly we halk doredijiligi”, Annadurdy Molla-şahyr “Magtymguly syrym çohdur” ýaly birgiden adamlarymyzyň eden işlerini agzap geçmelidiris. Olar bu işlerinde Magtymgulynyň döredijiligindäki dessanlar barada-da azda-kande soz acyarlar.

Mundan başga-da A.G.Garryew bilen A.A.Roslýakowyň Magtymgulynyň döwrüne we XVIII asyrdaky türkmen żemgyýetiniň sotsial-ykdysady gurluşyna xer taraply xäsietnama berýän giňişleýin ylmy makalasydyr. O.Kulyewiň makalasy xem şu mowzuga bagyşlanýar. Onuň

çeşme daýanżyny esasan şaxyryň öz goşgulary düzýär. B.A.Garryewiň ylmy-populyar makalasy xas saldamly axmiyete eye.

M.Annamuxammedow özüniň «Magtymguly gizlin syryň bar içde…» atly ylmy işinde şaxyryň döredižiligindäki tymsal alnan dini şaxslar barada belli dereżede durup geçipdir. Olaryň Magtymgula eden täsirini obrazly görnüşde görkezipdir. Bu işi biziň edebiýatymyzda Magtymgulynyň döredižiligindäki dini şaxslaryň şaxyra eden täsirini açyp berýän ilkinżi işmikä diýýäris. Sebäbi onda şaxyryň sufizm ëluna gitmegine dini şaxslaryň rolunyň uludygy nygtalýar. Şu işe ýakynyrak ýene-de bir ylmy populýar iş ol xem bolsa, A.Şyxnepesowyň «Magtymgulynyň älemi» atly kitabydyr. Onda köplenç şaxyryň çeper-filosofiki pikirlenmesiniň süňňi xakynda söz açylýar. Şu erde bir zady bellemeli ol xem bolsa awtor Göroglynyň obrazynyň Magtymgula etiren täsiriniň netiżesini analizläp bilipdir. Galyberse-de, bu kesplik işde türkmen edebiýatşynaslary we tan-kytçylary M. Kösäewiň, S. Myradowyň, G. Geldiewiň we beýlekileriň der-ňewleri giňden ulanyldy.

Bu işi dowam etdirmekde biziň üçin derwaýys işleriň biri-de, Oraz Ýagmyryň köpçülige eten «Magtymgulynama» kitaby boldy. Biziň pikirimizçe bu kitap şaxyr ömri beýanynyň, ondaky ýatlanýan şaxslaryň Magtymgula etiren täsirini giňişleýin açyp görkezýän ylmy iş bolsa gerek.

Magtymgulynyň döredižiligindäki tymsal alnan şaxslaryň käbiri barada gürrüň edilen «Magtymguly we onuň zamanasy» atly iş (M. Annanepesowyň awtorlygynda) biziň din iwe taryxy şaxslar baradaky gürrüňimize uly material toplap beren kitaplaryň biridir. Bulardan başga-da, żedelli mesele-leri pikiriňde oýarýan S.Myradowyň awtorlygynda dörän «Edebi çekişmeler» atly kitap biziň ünsümizi özüne çekdi. Sebäbi onda Magtymgulynyň döredižiliginde tymsal alnan din iwe taryxy şaxslaryň kimligi baradaky çekeleşik orta goýulýar.

Biz hem şu alymlaryň işlerine gyzyklanyp, Magtymgulynyň ýatlan dessanlary baradaky gürrüňi dowam etdirmek maksady bilen “Magtymgulynyň döredijiliginde halk dessanlarynyň ulanyşy” diýen temada kesiplik işi ýazmagy makul bildik. Bu temanyň üsti bilen biz şahyryň

döredijiligindäki dessanlary we olaryň şahyra ýetiren täsirini anyklaýarys. Onuň üçin biz köplenç ýazuwly edebiýata, dini kitap bolan “Kysasyl-Enbiya” we halk doredijiligine salgylanmaly bolyarys.

**Işde ulanylan metod we metodologiýa.** Magtymguly özüniň döredižiliginde xalk dessanlarynyň köpçüliginiň adyny getirmek bilen, olaryň obrazlaryndan, sýužetlerinden kän ulanypdyr. Şol sýužetleri, obrazlary anyklamak ucin biz koplenc yazuwa düşen sýužetlere, obrazlara, ylmy we dini edebiýata ýüzlendik. Obrazlaryň iň soňky durky, ýagny xäzirki bize cenli yetip gelen dessanlardaky rowaýatlardaky, legendalardaky keşbi olaryň öňki ewolýusiyasyny, gecen yoluny yzarlamaga xereket etdik. Bu kesplik işiň dowamynda deňeşdirme, deňeşdirme-tipologik we analiz usuly ulanyldy.

## I BAP. Magtymgulynyň dörediżiliginde xalk dessanlaryny ulanmagynyň axmiyeti

Turkmen klassyky edebiyaty turkmen xalkynyň,, şol sanda Gundogar xalklarynyň bay folklory bilen ayrylmaz baglylykda osup kemala gelipdir. Folklor sýażetleri «Yusup — Zuleyxa», «Leyli — Meżnun», «Zoxre — Taxyr», «Baxrem Gur», «Seypel melek — Metxalżemal» yaly yazuw dessanlarynyň doremegine esas bolupdyr.

Türkmen folklorynynyň uly liriki-epiki żanrlarynyň biri xalk dessanlary we gaxrymançylyk eposy geçmiş türkmen edebiýatynda şaxyrlaryň dörediżilik çeşmeleriniň birine öwrülipdir. Bu däp irki döwürlerden başlanyp, XVIII—XIX asyr turkmen edebiyatynda ayratyn-da osdurilipdir. Xalk dessanlaryna dörediżilik çeşmesi xökmunde ýuzlenmedik, olardan (ruxlanmadyk şaxyr köne türkmen edebiýatynda ýok diýerlikdir. Şonuň üçinem, klassyk şahyrlaryň çeper döredijiliginde folklar eserleriniň gymmatly çeşme hökmünde peýdalanylandygy, onuň progressiw däpleriniň osdurilendigi we şol esasda olaryň eserleriniň kämil derejä ýetirilendigi ykrar edilen hakykatdyr. Bu hakykata göz ýetirmek üçin Magtymgulynyň edebi lirikasyna nazar aýlamak has ähmiýetlidir. Magtymgulynyň köp eserleri halk arasynda giň möçberde folklarlaşdy. Türkmen edebiýatynyň taryhynda folklar materiallaryndan döredijilikli peýdalanmakda we eseriniň folklarlaşyş möçberi boýunça Magtymgulynyň deňinde goýar ýaly hiç bir şahyr ýok diýlip tassyklanylsa hem, ähtimal ýalňyşylmasa gerek: sebäbi, onuň söz binýady bilen dolduran altyn hazynasy gysgadan çuň mana eýe bolan döredijiliginde üç asr bäri ýaşap, biziň Garaşsyzlygymyzda has hem belende galdy.

Eýsem şahyryň şu halk dessanlary bilen tanyş bolmagyna kim sebäp bolduka? diýen sowal kopleri gyzyklandyrsa gerek. Şonuň üçinem geliň şu ýerde şulary öwrenmekde uly hyzmaty ýerine ýetiren Magtymguly üçin iň mähriban ynsan şahyryň atasy Döwletmämmet-Mollanyň hyzmatlary

hakynda kelam agyz söz gurasak oňat bolardy. Sebäbi Magtymuguly ilki sowady, terbiýäni atasyndan alýar. Şol keramat sayylan atadan talim-terbiye alan Magtymguly halk rowayatlaryny, dessanlaryny, legendalaryny atasyndan eşidýär we ýene-de halkyň gürrüňlerini diňleýär. Ondan soň bolsa şahyr beýleki ençeme beýik alymlaryň ylmy mirasyny düýpli öwrenmek bilen oz bilim derejesini ylmyny we dünýägaraýşyny has-da çuňlaşdyrypdyr. Sebabi, asly syuzetleri halk rowayatlaryndan, ertekilerinden, belli-belli taryhy şahyslaryň durmuşa geçiren işleridir, başdan geçiren wakalaryndan alnan halk dessanlary we gahrymancylyk eposlary Gundogar halklarynyň arasynda örän meşhur. Magtymguly hem şol Gündogar edebiýatynyň yorelgesinden gidip, syrly setirlerini dunya inderipdir. Magtymguly oz döredijiliginde köplenç halkyň meşhur bolan dessanlaryny getirýär. Şonuň üçin hem onuň goşgularynda halk dessanlarynyň köpüsi hakynda az setir ýok. Ol bize şahyryň döredijiliginde ýatlanan dessanlaryň gahrymanlarynyň ýer ýaşaýşynyň haýsy döwründe ýaşap geçendigini, ýyly, anyk mekanynyň bolan ýerlerini, olaryň kimligini, näme iş edendigini, hem-de olaryň şahyryň ozune yetiren tasirini acyp gorkezyar.

Magtymgulynyň lörediżiliginde ulanylan dessanlar bize gaty kän zady öwredýär. Olaryň aňyrsynda söýgi, wepalylyk, ynsanperwerlik, gaýduwsyzlyk, sabyrlylyk, merdanalyk diýen ýaly ideýanyň süňňi ýatyr. Magtymguly hem ine şulary göz öňünde tutup, bu ideýalary özüne ýörelge edip, olar hakda söhbet açýar. Şonuň üçin geçmiş hakda bir taryhy biljek bolsaň, şol hakdaky hakykaty yzarlamakçy bolsaň onda Magtymgulynyň eserlerine nazar aylaymaly. Mysal ucin folklar syuzetleri esasynda doran “Yusup-Zuleyha” , “Leyli-Mejnun” , “Zohre-Tahyr” , “Bahrem Gur” , “Seypelmelek-Methanjemal” ýaly dessanlary biljek bolsaň, olar şahyryň ähli goşgularynda duş gelýär. Olaryň eden işleri hakynda-da gürrüň berilipdir.

Magtymgulynyň döredijiligindäki dessanlar bilen tanyşanyňda şahyryň olara obrazly görnüşde berendigini duýmak bolýar. Şahyryň goşgulary bilen

tanyşanyňda onuň eserlerinde duş gelýň dessanlary şu aşakdaky ýaly toparlara bolup owrensek makul bolardy hem-de şu ugur boýunça analizlemek ýeňil düşerdi:

Dessanlar:

1.Şahyryň real durmuşy söýgi meselesine uly täsir eden folklor sýužetli dessanlar.

2.Magtymgulynyň dini yşk konsepsiýasyny işläp düzmekde uly täsirini yetiren folklor syuzetli dessanlar.

Dessanlardaky birinji topara esasanda "Şasenem-Garyp","Huyrlukga-Hemra","Perhat-Şirin","Zöhre-Tahyr" ýaly iri sýužetli dessanlar degişlidir. Bularyň gahrymanlaryny şahyr ýöne-mone agzamayar. Bu dessanlarda ynsan söýgüsiniň belentligi, wepalylygy wasp edilýär. Şahyr öz durmuşy soygusinde-de şeýle wepalylygy, şeýle söýgi belentligini küýseýär. Şonuň üçinem olar barada söhbet açýar we olaryň özüne tabyn etmesiniň sebäbini düşündirýär.

Ikinji bir topar dessanlar bolsa şahyryň yşk kämil bolmaly diýip uýan ideyasyny has yokary dereja yetirmekde dessanlaryň gahrymanlarynyň öz söýgüsiniň ýolunda derwüş bolmaklaryna öz täsirini ýetirýär. Şonuň üçinem Magtymguly mistisizimde kamillige yetmek ucin, kamilligini gorkezmek üçin, şol wagtda ol alla bolan yşkyny ýüze çykarýar. Şu yşkyny hem birnäçe dessanlaryň gahrymanlary: Mejnun, Ýusup, Wamyk ýalylaryň üsti bilen özüniň alla bolan yşkyny äşgär edýär. Ol özüniň-de şeýle gahrymanlar ýaly telbe bolmagyny deňeşdirýär. Beýle dessanlar il içinde "Leýli-Mejnun","Yusup-Zuleyha","Wamyk-Uzra" ady bilen giňden tanalýar.

Şahyr bu dessanlary öz döredijilinde ýönelige jemlemeýär. Ol dessanlaryň gahrymanlarynyň atlaryny tutanda, ol ýa-da beýleki dessanyň tutuş durkuny göz öňüne getirmrk bilen, şahyr olary özüniň diýżek zadyna, ýagdaýyna deňeşdirme usulynda ulanýar. Meňzetme şekilinde we pikirini

aýdyňlaşdyrmak, deňeşdirýän pretmetini güýçlendirip görkezmek ýaly maksatlar üçin ulanýar. Şunlukda, şahyr dessan gahrymanlarynyň obrazy arkaly öňe sürlen asylly ideýalary öz şygyrlarynyň ideýa-mazmuny bilen baglanyşdyrýar.

Magtymguly oz doredijiliginde “dessan” sozuni kop getiryar. Ol birnace manyda xem ulanylypdyr. Şahyr öz döredijiligini, köplenç, dessan diýip, atlandyryp, şol söz arkaly döredijiligini aňladypdyr. Bu pikiri B. Mammetyazow[1] Magtymgulynyň 250-yyllygynda eden cykyşynda belläp geçýär. Muňa şahyryň aşakdaky setirleri mysaldyr:

Magtymguly goly bagly perişan,

Ajap destanymdan goýmady nyşan.

Magtymguly, aşyk mestan,

Bagladym şanyňa destan[1].

Bu beýleki türkmen şahyrlarynyň-da öz eserlerini dessan atlandyryşyna duş gelmek bolýar. Elbetde, türkmen klassyky edebiýatynyň wekilleri “dessan” sözi arkaly özleriniň umumy döredijiligini aňladan bolsalar-da, şol sözüň olaryň döredijiligine dessan žanry ýüze çykandan soň girendigini aýtmak bolar. Şahyrlar şol söz arkaly bir ýa iki şygryny göz öňüne tutman, eýsem ähli döredijiliklerini göz öňüne tutupdyrlar. Şeýlelikde, bu ýagdaý olaryň liriki eserleriniň dessan žanyry bilen baglanyşygyny aňladýar.

Eysem name ucin Magtymgula oz dowrune cenli ulanylyan gazalyyet, diwan, jüň, tezkire, beýaz ýaly aktiw sözleriň ýerine “destan” sözüni işletmek gerek bolduka? Magtymguly goşgularynyň birinde “düzdügim destanym galdy” diyen setirlerini hem getiryar. Magtymguly dessan sozuni öz döwrüniň halk dilinden alypdyr. Belli uýgur edebiýatçysy B.Erşidinow

---

[1] Магтымгулы -250. Макалалар ве докладлар. Ашгабат, «Ылым», 1989, 262-сах.
[1] Магтымгулы

dessançylyk däbi barada ýazan saldamly işinde oguz-turkmen dessanlarynyň goşuk formasy bilen aýrylmaz baglydygyny, şunuň ýaly hem dessançylygyň bu ugrunyň özboluşly tarapydygyny belleýär. Muny biziň dessanlarymyz hem tassyklaýar. Goşugyň dessanyň süňňüne şeýle derejede siňmegi netijesinde, halk kopculigi kem-kemden goşuga-aydymlara hem dessan diýip başlapdyr. Mysal üçin, aşyk poeziýasynyň görnükli wekili XVII asyrda ýaşan Garajaoglan özüniň goşuk formasyndaky şygyrlaryny dessan diýip atlandyrypdyr. Ine beýik Magtymgulynyň "ajap dessanlarynyň" şeýle manysy, şeýle häsiýeti bolupdur. Şonuň üçinem dessan sözüni öz döredijiliginde işledýär. Bu zatlary aýmagymyzyň esasy sebäbi, biziň iş üstünde alyp barýan temamyzdaky dessanlar bilen şahyryň "ajap dessanyny" garyşdyrmaly däl diýen pikiri orta çykarýarys. Sebäbi, şahyryň doredijiligindaki yatlanan dessanlar bu-taryh çeşmesinde halk arasynda giňden ýaýran folklor iri sýužetli dessanlardyr. Şahyr olaryň gahrymanlarynyň wepalylyk, merdanalyk ýaly häsiýetlerini özüniň liriki gahrymanynyň obrazynda jemlemek isleýär. Dessanlarda "söýgi" diýen düşünje has belentde durýar. Şonuň üçinem Magtymguly dessanlary köpräk ýatlaýar. Sebäbi, şahyryň poeziýasy perizatlaryň, adaty bolmadyk dessan gahrymanlarynyň tarypy arkaly halk içine ýaýran "söýgi" diýlen düşünjäni öňki belentliginden pese gaçyrman, hypbatly, hasyrdyly durmuşyň "çaň-toty" bilen onuň romantik reňkini bozman, gaýta has emosiýaly, magşuklar has gözel; aşyklar diýseň gaýduwsyz , diýen mazmunda belli edýär.

Gundogar halklarynyň ýazuw edebiyatynda we folklorynda soygi hakyndaky eserlerniň doreýşi hem osüş birmeňzeş ýagdaylarda we şertlerde dowam etdirilipdir. Yone welin, folklor dessanlarynyň ilkinji syuzetleriniň yuze cykyşy has irki dowurlere degişlidir. Şoňa gora-de Magtymguly yaly soz ussatlary ucin olaryň ilki ceşmeleriniň-de ylham ceşmesi bolup hyzmat edendigini anyklamak mumkin.

Mejnun kibi sahrada aglay-aglay gezdigim,

Gözüm ýaşyn merjen deý düzüm-duzum duzdugum,

Warka kimin Gülşadan ölüp umyt üzdügim,

Joşgun berip yşk odun , gaýnap-gaynap gyzdygym,

Şebli kibi bir dagy ýandyrdygym bilmezmiň[1].

ýaly setirleri dessanlaryň mazmun, many taýdan aýratynlyklaryny ýa-da salmak bilen birlikde, şol döwüre çenli türkmen edebiýatynda we folklorynda dessanlaryň žanyr höküminde uly ösüş etabyny başdan geçirendigine hem şaýatlyk edýär. Şahyryň şeýle giň manyly setirlerine doly düşünmek üçin halk dessanlaryny bilmek ýakyndan tanyş bolmak zerurdyr.

Magtymgulynyň dessanlara ylham ceşmesi hokuminde yuzlenişi durli-durli bolupdyr. Ol kabir şygyrlarynda dessanyň ayry-ayry şahalarynyň her haysyna mahsus bolan ceper mazmuny gysga beyan etmek bilen şol eserleri ozuniň çepercilik yaragyna owurupdir.

Perhat Şirin bilen döwran sürmedi,

Selpelmelek gaýra köňül bermedi,

Aşyk Tahyr Zöhre diýip durmady,

Mahyma bagyş etmeý güli, dünýä heý!

Leylini ot edip, Mejnuny perwan,

Karuny idetdi pali, dunya, hey! .

Bilbili gulden ayyrdy,

Pelek başa bela boldy.

[1] Магтымгулы. Шыгырлар. Ашгабат, «Түркменистан», 1992, 44-сах.

Durli dessanlardan ya-da olaryň ülňülerinden mysal alynan bu setirlerde aşyk-magşuklaryň biri-birine gowuşup bilmändiginiň düýp sebäbini feodal-patriarhal jemgyýetçilik gurluşynyň sotsial koklerinden gözlemek, aşyklary arzuwyna ýetirmedik şol jemgyýetçilik gurluşyny gazply paş etmek äheňi duýulýar. Umuman, şahyr dessan setirlerine belli bir maksat bilen yuzlenipdir.

## II BAP. Magtymgulynyň döredijiliginde ulanan dessanlaryň sýużetleri xakynda

XVIII asyr turkmen klassyky edebiýatynyň duybuni tutuży Magtymguly halk dessanlaryna, meşhur "Görogly" eposyna aýratyn-da kop yuzlenipdir. Magtymguly döredijiliginde köplenç halka meşhur bolan dessanlary getirýär. Bularyň getirilmegini şahyryň gaty kän kitaplary, halk dilini diňländiginden habarly edýär. Onuň gözýetiminiň giňdigini tassyk edýän fakytlardan biri Gündogar halklarynyň bir toparynyň arasynda giňden ýaýran epik eserleri, dessanlary bilmelidir. Munuň şeýledigini şahyryň döredijiligine göz aýlanymyzda, munuň türkmen folklorynyň dürli žanrlary şol sanda halk dessanlaryny meşhur "Görogly" eposyny hem gowy bilendigi, olardan doredijiliginde peýdalanandygy äşgär bolýar. "Görogly" eposynda we dessanlarda öňe sürülen ideýalar şahyryň hyjuwlanmasyna goltgy beripdir, ol ençeme şygyrlarynda şol ideýalary goldap çykyş edýär.

Magtymguly edebiýata we folklora ýaşlygyndan gyzygyp başlapdyr. Ol cagaka ata-enesiniň we obadaky hekaýatçylaryň uzak gijeläp aýdyp berýän durli erteki-legendalary we çeper kyssalaryny höwes edip diňlär eken. Ýaş Magtymguly mekdepde gecyan dersleri bilen , ol yerde alyan sapak bilimi bilen asla kanagatlanman, taryha, edebiýata, folklora degişli onlarça kitaplary oz-özünden okap öwrenipdir. Zehinli şahryň her bir ýerden, her bir döwürden habarly bolşunyň, onuň gözýetiminiň giňdiginiň sebäbini şol yagdaylardan agtarmalydyrys.

Şu ýerde şeýleräk sowal döräýmegi ähtimal. Eysem Magtymguly yaly beyik ynsany ozune tabyn eden eposdyr, dessan syuzetleri halk arasynda nahili yayradyka, dilden-dile geçip nähili soňky nesillere geldikä? Biz şu sowala şeýleräk jogap agtarmagy makul bildik. Olaryň halk arasynda giňden yayrap, dilden-dile geçip ýörmeginiň sebäplerinden biri-de şol sýužetleri hut halkyň özüniň döredendiginden, olardaky obrazlara halkyň isleg arzuwynyň siňendiginden ybarat. Meselem, "Leýli-Mejnun", "Şirin-Perhat", "Wamyk

uzra”, “Seypelmelek-Methaljemal”, “Yusup-Zuleyha”, “ Şasenem-Garyp”, “Zohre-Tahyr”, “Warka-Gülşa” ýaly dessanlarda ynsan söýgüsiniň belentligi wasp edilse, gahrymançylyk eposy “Göroglynyň” wersiýalarynda mertlik, batyrlyk, gahrymancylyk, watancylyk, cyn sozlulik, asyllylyk, ejize komek etmek yaly uokary ideýalar öňe sürülüpdir. Şu ýerde “Görogly” eposyny aýratyn goşmagymyzyň sebäbi, “Görogly” halk bagşylarynyň dilinde dessan diýilip aýdylyp gelinýär. Şonuň üçinem biz-de bu eposy şahyryň döredijiligindäki dessanlara garyşdyrmakçy. Sebäbi, ol epos gahrymançylyk hakynda bolsa-da onda Agaýunus periniň we Göroglynyň söýgülerinde beyleki dessanlardaky yaly syuzetleri gormek bolyar.

Magtymgulynyň yşky-liriki, watançylyk, dünýewi, durmuşy eserleriniň köpüsi halk dessanlarynyň we “Görogly” eposynyň poeziýasynda ulanylyan şygyr formasyny halky şygyr formasy hökmünde kabul edendigini aňladýar. Halk dessanlarynyň aýdyşlary ýaly, şahyryň şu formada döreden şygyrlary halk aýdymlaryna öwrülüp gitmek bilen, türkmen bagşylary tarapyndan ürç edilip aydylypdyr we halk arasynda meşhurluk gazanandyr, beýleki formadaky şygyrlar bilen deňeşdirilende, şahyryň bu şygyrlary ilat arasynda has kop yayrapdyr.

Şahyryň halk dessanlarydyr gahrymançylyk eposynda täsirlenişi, olaryň gahrymanlaryna görelde hökmünde ýüzlenişi birmeňzeş däl. Ol döwrüň mert hem namaryt ýigitleriň lirik obrazyny döredeninde, meňzetme, deňeşdirme hökmünde, köplenç, meşhur “Görogly” eposynyň baş gahrymany Göroglynyň hem-de kä halatda Gündogarda sýužeti giň ýaýran Rüstemiň obrazlaryna yuzlenyar. Umuman, “Gorogly” eposyna mahsus bolan harby-watançylyk ideýalary Magtymgulynyň poeziýasynda düýüpli yz galdyrylandyr.

Ynsan söýgüsini wasp etmek Gündogar halklarynyň ýazuw edebiyatynda-da, bay folklorynda-da köp ýüzlenilen meseleleriniň biri

bolupdyr. Yokarda ady tutulan dessanlar, Magtymguly yaly beyik soz ussatlarynyň yşky liriki eserleri, esasan, şu meselä bagyşlanypdyr.

Magtymguly dessan obrazlaryna ýüzlenmek bilen, şol materiallaryň esasynda oz döwrüniň feodal-tatriarhal ähmiýetçilik gurluşyny tankyt edýär, özüniň şol jemgyýetden närzalygyny bildirýär. Deňsizligiň, adalatsyzlygyň, kanunsyzlygynyň şol jemgyýetde doly höküm sürendigi sebäpli, zähmetkeşler köpçüliginiň-de, dessan gahrymanlary aşk-Magşuklarynda gowun-maksatlaryna ýetip bilmeýändiklerini deňeşdirmek arkaly çeper acyp berýär. Mysal üçin, Şahyr "köp jan geçipdir" atly goşgusynda bu ömrüň ähli ynsanlardan – da geçýändigini nygtaýar. Şol sanda ady agzalan dessanlaryň-da gahrymanlarynyň yşk oduna ýanyp, öz magşugyna ýetmek arzuwlarynyň puca cykandygyny, bellap gecyar.

Görüň, ne jenanlar yşka ulaşdy ,

Ömrüni zaýalap, harga bulaşdy,

Ah urup, ayrylyk derdinden gecdi,

Delmura-delmura giryan gecipdir.

Şeýlelikde şahyr dessan gahrymanlaryny aşk-magşuklarynyň ykbalynyň zähmetkeş halkyň ykbalyna meňzeşdigini ençeme şygyrynda nygtaýar. Aşk-Magşuklaryň magsata ýetip bilýän nalaýyşlary ýaly Magtymgulynyň-da durmuşundan nalaýşy güýçli. Söýgülisine ýetip bilmändigi üçin, onuň ýüregi awaýar, göz ýaşy Mejnunyňka barabar. Şahyry bu derejä ýetirýänem ýaşan zamanasy, kone jemgyyet. Ol şahyryň eserlerinden bütünleý logik yzgiderlikde beýan edilýär. Emma şahyryň akyl ýetirişindäki subektiw ösüş durmuşynyň obektiw şertleriniň täsirine görä, gapma-garşylyga sezewar bolýar. Mälim boluşy ýaly, türkmen jemgyýetindäki "ykdysady we sotsial-syýasy aýratynlyklar olaryň ýiti çylşyrymlylygy, gapma-garşylykly obektiw şertleri, Magtymgulynyň dünýä garaýşynyň belli bir yzgiderli bolman çuňňur gapma-garşylyga sezewar bolmagynyň esasy sebäpleriniň biridir".

Şeýlelikde şol jemgyýetiň şeýle ahwaly Magtymgulynyň söýen gyzy Meňlisinden jyda düşmegine goltgy berdi. Sebäbi daşary ýurtbasybalyjylarynyň çozuşlary Meňlini Magtymgulydan ömürlik aýra saldy. Meňlini tutyp Eýrana gyrnaklyga alyp gidýärler. Muny şahyr:

Weyran boldy gozel yurdum,

Gyzylbaş tary-mar kyldy

Ya-da

Goldan aldyn kararymny,

Gelipsen nagehan pyrak.

Göterdiň Meňli ýarymny,

Goyup janda, arman pyrak.

diyen setirleri aydyp gecyar.

Oraz Ýagmyr özüniň “Magtymgylynama” kitabynda 17 ýaşynda Meňlä öýlenendir we 20 ýaşynda Eýran talançylary ony atyp gidyar diyip belleyar. Ýöne beýleki bir alymlarymyzyň aýdyşyna görä Magtymguly Meňlä öýlenip bilmeýär. Ýöne şonuň – yşkynda ömürlik saralyp – solup gelyanini goşgularynda mälim diýilýär. Emma biz bir zady bellemekçi öz pikirimizi öňe goýmaly bolanymyzda Oraz Ýagmyryň pikirini goldaýarys. Sebäbi Magtymguly ýaly beýik ynsan kişi maşgalasynda oturan bir gyza “Göterdiň Meňli ýarymny” diýip bilmez-a. Bu adat-dap turkmen halkynda gaty utanc gorulipdir.

Magtymguly Meňliden aýrylandygyny aşakdaky ýaly goşgy setirlerinde hem bellap gecyar:

Illeri bar diňli-diňli,

Sowuk suwly, ter öleňli,

Ili – gökleň, ady – Meňli,

Nazli dildardan ayryldym.

ya-da:

Pelek ile ryswa kyldy, ayyrypdyr zarymdan,

Ne iş kylsam, habar bilen men ol Meňli ýarymdan.

Yanar otly Magtymguly, ot lybasyn sen geyip,

Pany jahan otlaýyp sen, dilde bolgan naryňdan.

ýaly setirlerinde Meňlisinden aýrylandygyny we ondan xabar almak isleýandigini soraglap goşgusyny ýazýar. Meňlisiz galan günleri ýazan goşgularynda ömrüniň ýowuz günlerini başdan geçiryandigini Magtymguly aňrybaş duýguly beýan edipdir. Magtymgulynyň Meňlä söýgüsiniň her bir aşygyň söýgüsinden , hat-da näüe asr bäri halkyň dilinden düşmän gelýän soygi dessanlaryndakydan hem belentdigine, kuwwatlydygyna gumansyz goz yetirip bolyar.

Şeýle gamgynlykdan soň Magtymguly üçin bu dünýäniň höwesi öçdi, bahar bolup gelen ýigitligiň gyzygy gaçdy. Şonda Magtymguly öz-ozune nace teselli bermekci bolsa-da başa barmaýar. Ol öz-ozune bu dunya baky däl, bu ömürde niçeme aşk-magşuklar biri-birine gowuşup bilman, biri-birinden ayrylmaly diyen sozleri gaytalayarlar.

“Magtymguly, talim algyl ussatdan,

Bu dunyade her kim gecer bir atdan,

Leyli – Mejnunyndan, Şirin – Perhatdan,

Wamyk uzrasyndan ayrylmadymy?”

Magtymguly öz söýgülisine goşup bilmänden soň “ Jan istar” diyen şygrynda öz ykbalynyň şeýle bolmagyny “Leýli–Mejnun”, “Şirin–Perhat”, “Wamyk uzra”, “Yusup–Züleýha” dessanlarynyň gahrymanlarynyň ykballaryna meňzedýär.

Boş galypdyr gapyl - gowre,

Merdana birew jan istar,

Yurek bagrym kylyp para,

Yşk dagy - Zaman istar.

Şygyr beýleki bentlerinde köp aşyklaryň atlaryny tutup, soygi meselesinde özüniň ykbalynyň ters boluşyny şahyr ynandyryjylykly suratlandyryar.

Magtymgulynyň liriki gahrymany öz söýgisini Mejnunyň – Leylini, Perhadyň – Şirini, Tahyryň – Zöhräni, Garybyň – Şasenemi , Seýpelmelegiň – Methaljemaly söýüşine meňzedip, özüniň söýgä wepalydygyny, söýgi meselesinde şolardan pes durmajakdygyny ýygy – yygyndan tekrarlayar.

Magtymgulynyň ýatlap geçen “Leýli-Meżnun” dessanynyň sýużeti xas irki dowurlerden mälim bolup ýaşap gelýär. Mysal üçin “Leýli-Meżnun sýużeti esasynda Nowaýynyň, Fizulynyň dessanlary bar. Magtymguly xem şu awtorlaryň eserlerinden edebi täsirlenipdir. Mysal üçin, “Leýli-Meżnun” dessanynda Mejnunyň zynjyrlanyşy we zynjyrdan boşap, çöle gaçyşy bilen bagly wakalara «...ilkinji gezek Nowayyda gabat gelyaris».[1]

«Leyli-Mejnun» dessany hakynda N. Hojayew, A. Ulugberdiyew, B. Şamyradow, B. Ahundow, B.A. Garryýew, M. Kösäýew, R. Rejebow, H. G. Gorogly, G. A. Garryyew, A. Nuryagdyyew, A. Meredow, A.Annanurow,

[1] Gullayew. N. «Leyli hem Mejnun hakda sohbet». Aşgabat, «Magaryf»–1986, 216 sah.

N.Gullaýew, A. Mülkamanow ýaly belli alymlar köp işler etdiler. «Leyli-Mejnun» dessany golyazmalarydyr daşbasmalaryny hasap etmäniňde-de iň köp neşir edilen dessanlaryň biridir. «Leyli-Mejnun» dessany daşbasma usulynda «1910-1916-njy yyllar aralygynda 4 gezek neşir edilipdir».[2]

Bu dessan ilkinji gezek 1948-njy ýylda N. Hojaýew tarapyndan neşire taýýarlanyp, halk köpçüligine ýetirilýär. Soňra filologiya ylymlarynyň kandidatlary A. Ulugberdiyew we B. Ahundow tarapyndan 1956-njy[3] hem-de 1963-nji yyllarda[4], şeýle-de filologiya ylymlarynyň kandidaty A.Mulkamanow tarapyndan 1991-nji ýylda neşir edilýär.

Şeýlelikde, Gündogara mälim bolan «Leýli-Meżnun» dessanynyň sýużeti diňe bir Magtymgulynyň ünsüni özüne çekmän, eýsem türkmen şaxyrlarynyň birnäçesiniň ünsüni özünde żemläpdir. Şu ýerde temamyzdan daşda bolsa-da «Leyli-Mejnun» dessanynyň golýazma nusgalary ya-da «Sebatyly» we «Naryly nusgalar» hakynda-da az kem maglumat berip geçäýsek oňat bolardy. Sebäbi bu dessan XVIII asyr türkmen şaxyry Nurmuxammet Andalyp tarapyndan xem yazylypdyr.

[2] Ýazberdiýew. A. «Gündogar metbeçiligi we köne türkmen basma kitaplary». Aşgabat, 2002. 313 sah.
[3] Andalyp. «Leyli-Mejnun». Aşgabat, Türkmenistan döwlet neşirýaty, 1956.
[4] Andalyp. Saýlanan eserler. Aşgabat, Türkmenistan döwlet neşirýaty, 1963.

Netiże

Magtymgulynyň döredižiliginde ulanylan xalk dessanlary barada alyp baran barlaglarymyzdan aşakdaky ýaly netiželere geldik:

1.Şaxyrlaryň, syýasatçylaryň, alymlaryň eserlerinde xalk döredižiligine yuzlenmek däbi öz gözbaşyny gadymy döwürlerden alyp gaýdýar. Folklor obrazlar we sýužetler xer bir şaxyra öz pikirini aýlawly we gyzykly edip görkezmäge giň mümkinçilik berýär. Folklor obrazlary çylşyrymly xäsiýete, ösüşe eýe bolup, xaýsydyr bir ideýaly, axlagy, adamkarcilik normalary, synpy baxbidi goldap bilyan durnukly tipiki gaxrymanlara owrulipdirler. Şeýle uzak ýaşly folklora ýüzlenmek däbi Magtymgula-da ýoň bolupdyr. Netižede Magtymguly xalk folkloryny çuňňur bilenden soň özüniň döredižiliginde xalk dessanlaryny çeperçilik bilen ulanmagy başarypdyr.

2.Magtymguly xalk dessanlaryna, meşxur «Görogly» eposyna aýratyn-da köp ýüzlenipdir. «Görogly» eposynda we dessanlarda öňe sürlen ideýalar şaxyryň xyžuwlanmasyna goltgy beripdir, ol ençeme şygyrlarynda şol ideyalary goldap çykyş edýär.

3.Asly sýužetleri xalk rowaýatlaryndan, ertekilerinden, belli-belli taryxy şaxslaryň durmuşa geçiren işleridir başdan geçiren wakalaryndan alnan xalk dessanlary we gaxrymancylyk eposlary Gündogar xalklarynyň arasynda örän meşxur. Eposdyr dessan sýužetlerniň xalk arasynda giňden ýaýrap, dilden-dile geçip ýörmeginiň sebaplerinden biri-de şol sýužetleri xut xalkyň özüniň döredendiginden, olardaky obrazlara xalkyň isleg-arzuwynyň siňendiginden ybarat. Meselem, «Leýli — Mežnun», «Şirin — Perxat», «Wamyk— Uzra», «Seypelmelek — Metxalžemal», «Ýusup — Zu-leýxa», «Şasenem— Garyp», «Zoxre— Taxyr», «Warka — Gulşa» ýaly dessanlarda ynsan söýgüsiniň belentligi wasp edilse, gaxrymançylyk eposy «Göroglynyň» wersiýalarynda mertlik, batyrlyk, watançylyk, cyn sözlulik, asyllylyk, ežize kömek etmek ýaly ýokary ideýalar öňe sürlüpdir. Şeýle ideýalary öz döredižiliginde gaýtadan işlän

Magtymguly olary öz döwrüniň, zamanasynyň tariýxy şertleri bilen baglanyşdyryp, liriki gaxrymanyň obrazynda żemlemegi başarypdyr.

4.Magtymgulynyň yşky-liriki, watançylyk, dünýewi, durmuşy eserleriniň, köpüsi xalk dessanlarynyň we «Görogly» eposynyň poeziýasynda ulanylýan şygyr formasynyň esasynda döredilipdir. Munuň özi beýik şaxyryň eposdyr dessanlaryň şygyr formasyny xalky şygyr formasy xökmünde kabul edendigini aňladýar. «Görogly» eposynyň we xalk dessanlarynyň aýdymlary ýaly, şaxyryň şu formada döreden şygyrlary xalk aýdymlaryna öwrulip gitmek bilen, türkmen bagşylary tarapyndan ürç edilip aýdylypdyr we xalk arasynda meşxurlyk gazanypdyr, beýleki formadaky şygyrlary bilen deňeşdirilende, şaxyryň bu şygyrlary xalk arasyna xas köp ýaýrapdyr.

5.Magtymguly xem öz şygyrlaryny, köplenç, dessan diýip atlandyryp, şol söz arkaly dörediżiligini aňladypdyr. Meselem, «Magtymguly goly bagly perişan, Ażap destanymdan goýmady nyşan», «Magtymguly diýr, ilime, Bagş etmişem bar destanym», «Magtymguly, aşyk mestan, Baglady şanyňa destan» diýip ýazýar. Bu ýagdaý şaxyryň liriki eserleriniň dessan żanry bilen baglanyşygyny aňladýar.

6.Magtymguly xalk dessanlarynyň gaxrymanlarynyň atlaryny ýöne bir sanap geçmeýär. Ol eserleriň gaxrymanlarynyň atlaryny tutanynda, ol ya-da beýleki dessanyň xem eposyň tutuş durkuny göz öňüne getirmek bilen, şaxyr olary özüniň diýmek isleýän zadyna, ýagdaýyna deňeşdirme, menzetme şekilinde we pikirini aýdynlaşdyrmak, deňeşdirýän predmetini güýçlendirip görkezmek ýaly maksatlar üçin ulanýar. Şunlukda, şaxyr dessandyr epos gaxrymanlarynyň obrazy arkaly öňe sürlen asylly ideýalary öz şygyrlarynyň ideýa-mazmuny bilen baglanyşdyrýar.

7. Şaxyryň xalk dessanlarydyr gaxrymançylyk eposlaryndan täsirlenişi, olaryň gaxrymanlaryna görelde xökmünde ýüzlenişi bir meňzeş däl. Ol döwrüniň xem namart ýigitleriniň liriki obrazyny döredende, meňzetme, deňeşdirme xökmünde, köplenç, meşxur

«Görogly» eposynyň baş gaxrymany Göroglynyň xem-de ka xalatda Gündogarda sýużeti giň ýaýran Rüstemiň obrazlaryna ýüzlenýär. Umuman, «Gorogly» eposyna maxsus bolan xarby-watancylyk ideyalary Magtymgulynyň poeziýasynda düýpli yz galdyrypdyr. Beyik şaxyr oz dowrunde il-ýurduň aladasyny edýän batyr ýigitleri Göroglynyň gardaşy xökmünde görüpdir. Şaxyr döwrüň käbir namart yigitlerini yazgaranda-da görelde xökmünde Görogly obrazyny öňe sürüpdir. Ol şonda Görogly ýaly gaýduwsyz ýigitleriň azlygyndan zeyrenipdir.

8.Ynsan söýgüsini wasp etmek Gündogar xalklarynyň ýazuw edebiyatynda-da, bay folklorynda-da köp ýüzlenilen meseleleriň biri bolupdyr. Yokarda atlary tutulan dessanlar, Magtymguly yaly beyik söz ussatlarynyň yşky-liriki eserleri, esasan, şu meselä bagyşlanypdyr. Magtymguly ýaly söz ussatlary üçin olaryň ilki çeşmeleriniň-de, dessan xökmünde formalaşan görnüşleriniň-de ylxam çeşmesi bolup xyzmat edendigini anyklamak mumkin.

9.Magtymguly dessan obrazlaryna ýüzlenmek bilen, şol materiallaryň esasynda öz döwrüniň feodal-patriarxal żemgyetçilik gurluşyny tankyt edýär, özüniň şol żemgyýetden närazylygyny bildirýär. Densizligiň, adalatsyzlygyň, kanunsyzlygyň şol żemgyýetde doly xöküm sürendigi sebäpli, zäxmetkeşler köpçüliginiň-de, dessan gaxrymanlary aşyk-magşuklarynda gowun maksatlaryna yetip bilmändiklerini deňeşdirmek arkaly çeper açyp berýär.

10. Magtymgulynyň gaxrymany öz güýżüni söýgülisine ýetmek, soygulileri biri-birinden aýra salan, zäxmetkeşleriň degnasyna degen żebir-sütemi ýok etmek ugrundaky göreşde ulanmaga tayyardygyny xem bildirýär. Şu tarapdan şaxyryň liriki gaxrymany dessan gaxrymanlaryndan esli dereżede tapawutlanýar.

11.Beýik şaxyr aýal-gyzlaryň görk-gormegini, ruxy xal-yagdayyny suratlandyrmak ucin xem dessan gaxrymanlarynyň obrazlaryna deňeşdirme material xökmunde yuzlenyar.

12.Magtymgulynyň liriki gaxrymany öz söýgülisini söýşüni Meżnunyň Leýlini, Perxadyň Şirini, Taxyryň Zöxräni, Garybyň Şasenemi, Seýpelmelegiň, Metxalżemaly söýşüne meňzedip, özüniň söýgä wepalydygyny, soygi meselesinde şolardan pes durmażakdygyny ýygy-ýygydan tekrarlaýar. Şu babatdan onuň «Söýmüşem seni», diýen şygry ayratyn yatlap gecmage mynasypdyr.

13.Magtymgulynyň söýgi lirikasyny dessan poeziýasyndan mazmun taýdan tapawutlanýar. Şaxyr söýgi «derdini» çekmäge diňe adamzadyň, ukyplydygyny, ynsanyýet söýgüsiniň xemme zatdan ýokarydygyny özüniň çeper setirleri arkaly subut edýär, Şeýle ýagdaýlarda deňeşdirme xökmünde dessanlara ýüzlenmek pikiri xas aýdyň beýan etmekde şaxyra kömek edipdir. Şeýlelikde şaxyryň xalk dessanlaryna ýüzlenmegi onuň dünýägaraýşynyň giňelmegine, döredižiliginiň köp taraply bolmagyna sebep bolupdyr.

## Peydalanylan edebiyatlar


1. Karimow I.A. Milliý istiklol goýasy, asosiý tuşunça wa tamoýillar. Toşkent, «Uzbekiston», 1997.

2. Karimow I. A.Torixiý xotirasiz kelażak ýuқ. Toşkent, «Şark», 1998

3.Annamuxammedow M. Magtymguly, gizlin syryň bar içde…. Aşgabat, 1997.

4. Annanepesow M. Magtymguly we onuň zamanasy. Aşgabat, 1990

5. Ataew K. XVIII asyr türkmen edebiýaty. Aşgabat, 1988

6. Ataew K. Edebi tapyndylar. Aşgabat, 1990.

7. Bertels E. E. Sufizm i sufiskaya literatura. - M.: «Nauka», 1965.

8. Bartold W. W. Ocerki istorii turkmenskogo naroda, socineniya t. 2 , cas 1, IWL, Moskwa, 1963 yyl.

9. Baymyradow A. Rowaýatlarda taryxy şaxslar. Aşgabat, 1992.

10. Baýmyradow A. Türkmen folklor prozasynyň taryxy ewolýatsiýasy. Aşgabat, 1989

11. Gurxany Kerim. Alouddin Mansur terżimesi. –Toşkent: 1992.

12. Demidow S. Sufizm w Turkmeni. –Aşxabad: «Ylym», 1982.

13. Zarimbetow Қ. Aşyқ Ziyўar. Nokis, 1998

14. Žuraew M., Narzikulowa M. Mif, folklor wa adabiýot. Toşkent, 2006

15. Žuraew M., Şomusarow Ş. Mif wa arab mifologiýasi. Toşkent, 2000

16. Magtymguly. Saýlanan eserler. Aşgabat, 1993.

17. Magtymguly. Şygyrlar. Aşgabat, t-1-2. 1992, 1994

18.Magrupy. Goşgular. Aşgabat, «Turan», 1991

19.Mollanepes, Zohre-Tahyr. Aşgabat, Türkmenistanyň milli medeniýet «Miras» merkezi, 2009

20. Meredow A, Axally S. Türkmen klassyky edebiýatynyň sözlügi. Aşgabat, 1988.